# Gündelikde galanlar -18/ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Medisina,Söhbetdeşlik,Sözler,Türkmen dili,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -18/ dowamy 27.10.2008

Düýn bäsleşikde ýeňijilere baýrak gowşurylypdyr. Kompozitor Gurbandurdy Çaryýewe täze aýdymlary üçin (“Prezidentiň ýüregi” – sözleri Allaýar Çüriýewiňki) baýrak gowşurylypdyr. Şu günki gazetden okadym. Ýadap, daçadan geldim. Okap begendim we oňa jaň etdim. Baýragyny ýuwup oturan ekeni. “Gel” diýdi. “Şu günem, düýnem seň aýdymlaryň aýdyldy” diýdi.
Baýraga mynasyp kompozitor!
Skulptor Saragt Babaýewi hem halk hudožnigi ady bilen gutladym. Ol şu ýylyň başynda “Deňiz guşum” atly kompozisiýasyny döretdi.
“Prezidentiň ýüregini” aýdýanlar Myrat Baýramgeldiýew bilen onuň aýaly Gülnar Nuryýewa Türkmenistanyň halk artisti diýen at berildi.

19.11.08

Şu gün kompozitor Ata Esadowiçe düýnki Gara Seýitliýew hakdaky hem-de birki günlükde radioda eşitdirilen gepleşikleriň ýazgysyny äkidip berdim. Ata Esadowiç 1922-nji ýylda doglan. Onuň bilen ýazan aýdymlarymyz 1991-nji ýylda kitap bolup çykdy. 50-den gowrak aýdym ýazdyk. Men ondan Gara şahyr hakda soradym. “Gara giç öýlendi. Kyrk ýaşandan soň Zinaida Fýodorowna diýen bir gyza, olam durmuşa çykmadyk, 30 ýaşlarynda, şoňa öýlendi.
Zina muzuçileşede wokalda okaýardy. Men hem şo ýerde mugallymdym. Hor ugrundan sapak berýärdim. Bular üç jorady. Biri Annageldi Jülgäýewiň aýalydy. Olam ýarym dälidi. Annageld-ä, näme oňly adam duşmaly däl-dä! Megerem, Gara şol

gyzyň üsti bilen Zina bilen tanyş bolan bolmaly. Zinanyň kakasy şo wagtlar 30-njy mikroraýonda ýerleşýän diwiziýanyň komandiridi. General çinem bolan bolmagy mümkin. Bulaň asly Ukrainadan. Garanyň Zinadan üç ogly boldy. Bir ogl-a türmede ýatdy. Häzir Zina Fýodorowna oglunyň ýanynda Garanyň öňki ýaşan ýerinde ýaşaýan bolmaly. Muny maňa gyzym Maýa aýtdy. Maýa Zina bilen kitaphanada köp ýyl bile işleşdi”.

01.12.2008

Iş ýerime Türkmenistanyň halk artisti Nurýagdy Baýramow meni sorap gelipdir. Aýdym üçin birki sany tekst ýazmagymy sorady. Söz berdim.
Onuň bilen Orazgeldi Ylýasow, Sahy Jepbar hakda gürrüň etdim.
Nurýagdy ýaş wagty dükanda işläpdir: –1957-nji ýylda Orazgeldiler Aşgabada, biziň ýaşan köçämize göçüp geldiler. Men ondan aýdym aýtmagyň tärlerini öwrendim. Ýöne ol maksatsyz ýaşady. Filarmoniýada az-owlak işledi. Telewideniýede O. Ylýasowyň konserti boljakdygy hakda bildiriş bardy. Aýtmaly güni ol Mäne-Çäçede, toýda aýdym aýdypdyr. Şeýdip işden çykardylar. Muny Sahy Jepbardan gördüler. Sahy aga-da hiç hili günä ýokdy.
Bir gezek adamyň ömri hakynda gürrüň gidende Sahy aga odun bilen gyzdyrylýan peji, turbasyny görkezip, adamyň ömrem şeýledir – diýdi. Ýakylan odun turbadan tüsse bolup çykyp gidýär – diýdi.

* * *

Filologiýa ylymlarynyň doktory Muhammet Gurbansähedow düýn öýlän akademiýanyň kitaphanasynda otyrkak, ýanyma gelip, “Gurbandurdy aşuklar jemgyýetiniň agzasydy” diýdi. Soň muny düşündirdi. Gurbandurdy Gurbansähedow azerbaýjan şahyry Wagyfyň goşgularyny terjime edip, türkmen dilinde çapdan çykartdy. Azerbaýjanda aşuklar (ozan ýaly) jemgyýeti bar eken. Bitiren hyzmatyny göz öňünde tutup, ony öz hatarlaryna alýarlar. Munda Fahretdin Alyýewiň hem hyzmaty bar.
Onuň Wagyfdan eden terjimeleri türkmen radiosynyň efirinde

Gurbandurdynyň öz okamagynda bir sagat töweregi ýaňlanypdy.
Bir gezek Gurbandurdy ýazyjylar Gylyç Kulyýew, Ata Atajanow, maňa-da “Mommy, senem biziň bilen gidiber” diýip, öz ýanlaryna alyp, maşynly bir ýerig-ä gitdik.
Şonda Ata Atajan bilen Gylyç Kuly oňa degjek boldular, gürletjek boldular. “Gurbandurdy, eşidişimize görä, “narodnylygy hem ýatyrjakmyşlar” diýdiler. Şo wagt ikisine hem halk ýazyjy adyny beripdiler. Gurbandurdyda ol at ýokdy. Gurbandurdy şuň ýaly sowalyň berilekdigine öňünden bilip duran ýaly: “Şeýle bolsa, size agyr düşäýmese” diýip jogap berdi.

09.12.2008

Orazdurdy Çommadow, filologiýa ylymlarynyň doktory, Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň bölüm müdiri:
– Meni instituta laborant edip işe alan direktoryň orunbasary Bäşim Çaryýarow. Aýlygy 60-70 manatdy. Bir gün direktor Aman Kekilow zalyň ugrunda meni saklap, hal-ahwalymy sorady. Kwartirant bolup ýaşaýandygymy hem aýtdym. Meni işe alanlarynda Aman Kekilow ýokdy. Gelip gyzyklandy. Meni şo gün kiçi ylmy işgärlige geçirdi. Işläp ýörüs. Işgärleriň sanyny azaltmak hakynda görkezme berlipdir. Dört sany laboranty işden aýyrmaly etdiler. Şonda Aman Kekilow akademiýanyň şo wagtky prezidenti Pygam Azymow bilen gürleşipdir. Institutda direktoryň orunbasary wezipesini aýryp, özi direktorlyk wezipesinden aýrylyp, ýerine Bäşim Çaryýarowy goýdy. Özem institutyň bölüm müdirligine geçdi. Dört sany ýaňy işe başlan ýaş oglanlary işden goýmajak bolup, Aman aganyň eden bu adamkärçilikli işi hiç wagt ýatdan çykar ýaly däl.
Aman Kekil ellinji ýyllarda Çärjew pedinstitutynda hem işlän. Ýygnak dagy bolsa “Meni prezidiuma saýlamaň” diýip, haýyş edýän eken. Muny maňa şo döwürde institutda okan oglanlaryň biri aýtdy.

19.12.2008

Düýnki “Galkynyş” gazetinde aýdymçy Annaberdi Atdanow hakda redaksiýanyň işgäri Ogultäç Oraztaganowanyň makalasy çap

edilipdir. Meniň kyrk ýyl mundan owal kompozitor Baýram Hudaýnazarow bilen bilelikde ýazan ”Gel, obamyň lälesi” atly aýdymymyzyň tekstini “Şahyr Gara Seýitliýew ýazdy” diýip beripdir.
Bilmeseň, ýazmak nämä gerek diýsene! Şahyr Ata Atajanowyň “Seniň sapaň üçin, seniň wepaň üçin” diýen aýdymyň goşgusyny hem Gara Seýitliýewe degişli edip ýazypdyr.
Oglanlar gazetiň redaktoryna jaň edip aýdypdyrlar. Aýdanlarynda näme, gazetdäki ýalňyşy indi nädip düzetjek. Düzediş berip bolar, ýöne muňa olaryň gaýraty çatmaz. Haýp!

23.12.2008

Bilim ministriniň haýyşy boýunça Täze ýyl gutlagyny ýazyp beripdim. Şu gün şahyr Öre Daşgyn bilen onuň çagyrmagy boýunça ýanyna bardyk. Goşgymy okap görüpdir. “Degişme az” diýdi. Degişme gerek diýip, ediljek bolunýan zady gürrüň berdi. Meniň ýazan zadym muňa gabat gelenok. “Ýöne biz onuň içinden käbir bentleri alarys” diýdi. Men degişmäniň biziň üçin kyndygyny aýtdym. Mortarak bolan bolmagam mümkin. Sesini çykarman durdy. Men “Mugallymlar gazetiniň” işgärleri Pirnepes Öwezliýewiň muňa ökdedigini aýtdym. Öre bilen soň Seýitmämmet Hydyrowyň hem adyny agzadyk (olam şo gazetde). Minist derrew redaktoryna jaň edip, ikisini hem öz ýanyna gelmegini tabşyrdy. Çykjak bolup durkak, “barybir siz hem pikir ediň. Sizi mundan heniz aýramok” diýdi.
Gapydan çykamyzda rektorlar garaşyp duran ekenler. Şu mesele bolaýmasa, işe gelip ugrum bolmady. Öýe gelip, ministre, rektorlara ýüregim agyrdy oturdy.

28.12.2008

Gurban Hallyýewiç Agalyýew (71 ýaşynda), taryh ylymlarynyň kandidaty, öňki partiýa işgäri:
– Men Balyş Öwezowyň (TKP MK-nyň öňki I sekretary) ýazan kitaby bilen baglanyşykly býuro mejlisine gatnaşdym. Ony kitabyň özüniň ýazmanlygy hakda aýplaýardylar.
“Il nähili ýazsa, menem şoň ýaly edip ýazdym” diýdi. Onuň

kömekçisi bolup işlän Wartan Dawydowiç Arutýunow “Ýalan. Onda kitabyň golýazmasyny görkez” diýdi. “Golýazmany men tabşyrdym” diýdi.
TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy Annamuhammet Gylyjow: “Gyzy Sapar Mollanyýaza (kinooperator, ýomut, Gylyjowyň özi hem ýomut) durmuşa çykanda bizem size goşuldyk” diýdi. “Tireparaz” diýdi. Balyş Öwez şonda: “Bu tireparazçylykdan däl. Garyndaş bolduk diýildigi” diýdi. TKP MK-nyň býurosynda Balyş Öwezowa berk käýinç berildi. Ol şonda TSSR Geologiýa uprawleniýesinde işleýärdi.
… Türkmenistan Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň birinji sekretarlygyna saýlanylan plenumda (1996-yň başy bolsa gerek ýa-da 1995-iň dekabrydy) söwda ministri Rybalow çykyş edip, “Täze goýuljak birinji sekretar ýolbaşçy bolup bilmez. Çünki ol ar alyjy. Zlapamýatnyý” diýip çykyş etdi. Oturanlardan ony gepletmejek bolup gygyranlar tapyldy. Rybalow şonda “Wagt geler, meniň aýdanlarymyň dogrudygyna özüňiz göz ýetirersiňiz. Ýöne şonda giç bolar” diýip, tribunadan düşdi.
Şonda Meretgül Alyýewa, ýene birki sany adam täze ýolbaşçyny goldap çykyş etdiler. Ýöne soň täze başlyk olaryň hemmesindenem dyndy.

30.12.2008

Ýaňy Gurban şeýle gürrüň berdi:
– Gyzylarbatda Odewaýem diýip bir adam bar. Şumat 70-e golaýlan bolmaly. Çyn ady Gylyçdurdymy ýa başgamy bilemok.
Ol awtoparkda şofýor bolup işledi. Bir gezek ýük getirende ýanynda bir orus aýal hem bar eken. Ol aýaldan tamakyn bolup Gyzylarbada ýetiberenlerinde, durup bilmän, “Dawaý, odewaýem” diýipdir. Aýal düşünmändir. Ahyrsoňy ol hereketleri bilen düşündiripdir. Ol aýalam: “Zaçem do sih por molçal?” diýipdir.
Iş bitenden soň iş ýerine gelip, bolan wakany oglanlara gürrüň beripdir. Oglanlar: “Sen orusçany bileňok. Muny nädip düşündirdiň?” diýip sorapdyrlar. Olam: “Odewaýem – diýip – aýtdym” diýipdir. Şondan bärem onuň obada tutulýan ady odewaýem. Men raýkom bolup işlän döwürlerim öýe jaň edende

“Gurban, bi odewaýem jaň edýär” diýip aýdýardy.

31.01.2008

Şu gün Gurban Hallyýewiç bilen Täze ýylyny gutlamak üçin Meretgül Alyýewanyň öýüne bardyk. Ilki teke bazaryň ýanynda ýaşaýan gyzy Nargyzy gördük. . Gurban Hallyýewiç meni oňa tanatdy. Gürrüňdeşlikde Meretgül Alyýewa Plenumda bolan wakany (Rybalowly wakany), özüniň ony gorap çykyş edenligini, özüniň muňa taýýarlyk görmändigini tassyklady.

03.01.2009

Şu gün telewizorda rus aktrisasy Nina Urganty diňledim. “Her gezek täze rola başlanymda, özümiň hiç zady başarmaýandygym hakda pikir kelläme gelýär. Soň ýuwaş-ýuwaşdan men ol rola erk edýärin…
Iýmäge zadym bolmasa-da, geýmäge zadym bolmasa-da men özümi dünýäde iň bagtly adam hasapladym. Çünki meni ň işleýän teatrym bardy, maňa ynanylan rol bardy. Köçä çykanymda adamlar meni ýüzümden tanaýardylar” diýip aýtdy. “Men çybyn-çirkeýden (komar) başga ähli zady gowy görýärin. Siňegem gowy görýän. Dünýäde ähli zady gowy görýän” diýdi.
Nina Urgant SSSR-iň halk artistkasy, “Belorus wokzaly” kinofilminde baş gahrymanlaryň biriniň rolunda oýnapdy.

04.01.2009

Medeniýet we döredijilik işgärleriniň ýylyň jemi boýunça maslahaty bolup geçdi. Oňa Ministrler Kabinetiniň orunbasary Maýsa Meredowna Ýazmuhammedowa gatnaşyp, çykyş etdi. Birtopar at gazanan, halk artistleriniň çärelere gatnaşmaýandyklary, gatnaşaýanda-da gijä galyp gelýändikleri, milli egin-eşik geýmeýändiklerinden närazy halda gürledi. “Sizi şu gün tanaýarlar, ertir hiç kim tanamaz” diýdi.
Maýa Kulyýewa käbir aýdymçynyň sazynam, sözünem özüniňkidigini, aýdymam özüniň aýdýandygyny ýaňsylady. Her bir täze döredilen aýdymyň özeniniň halk aýdymlary bolmalydygyny ündedi. Köp aýdymlaryň sazlarynyňam, sözleriniňem

bolgusyzdygyny, beýleki halklaryň aýdymlaryndan alnan heňlerdigini aýtdy we ş.m.
Maslahatda bir at gazanan artiste söz berdiler. Ol bizehin aýdýan aýdymlarynyň hem sözüni, sazyny özi döredýär. Bu näme maslahatyň üstünden gülmekmidi?!

03.02.2009

Düýn Aşgabada ilkinji gezek ýagyşly gar ýagdy.
Şu gün irden obadaşymyz Kaka Mämmetşanyň ýogalandygyny aýtdylar.

09. 02. 2009

Şu gije Kerim Gurbannepesow düýşüme giripdir. Maňa “Saçyň durşuna agarypdyr?” diýýär. Menem: “Aý, nesil yzarlaýandyr-da. Kakamyňam saçlary ir agardy” – diýdim.
Kerim aganyň şo-ol öňki wäşiligi. Ony ugradýan. Duran ýerimiz baýyrlygyň üsti.
Omar Sähetgylyjow hem ugratmaga goşulýar. Yzymyzdan edebiýatçy Muhammet Gurbansähedow gelip, Kerim aga bilen salamlaşýar. Kerim aga onuň bilen känbir gadyrly däl.
Şo gije ýazyjy Hudaýberdi Diwangulyýew hem düýşüme giripdir.
Düýn dişlerim gaty agyransoň, aşaky hataryň kolonkalaryny aýyrtdym. Agyrysy erbet.

17.02.2009

Birküç günlükde şäherde akademik Myrat Annanepesowa gabat geldim. Salamlaşdyk. Ol häzir Sakarçägäniň düýedarçylyk sowhozynda ýaşaýan ekeni. “Biz ylymdan ýadadyk, ylymam türkmenden ýadady öýdýän” diýdi.
Kiçi ogly neýrohirurg bolup işleýär. Ýu. Wolobuýewiň okuwçysy. Moskwada stažirowkada bolupdyr. “Aýalym: “Bu orus bolup gider. Ony getirmeli” diýdi. Menem gidip, “Yzyňa gaýtmaly. Ine-de bilediň” diýdim. Şeýdibem bärik getirdim. “Seniň ýaly bäride müňlerçe. Sen öz ýurduňda gerek” diýdim.
Öňki SSSR-iň köp arhiwlerinde işledim. Londonyň arhiwinde iki aý işledim. Orenburg, Tbilisi, Moskwa, Leningrad…

Men oňa göwünlik berip, “Siz häzirem işläp biljek. Belki, idärler” diýdim. “Aý, ýok-la. Indi biz haçan ýygnalsak ýygnabermeli” (amanadyňy tabşyrmak manysynda) diýdi.
Ýarym sagatdan göwrak gürleşdik. Gyz agtygy gelip, “Enem biynjalyk bolýar” diýensoň, hoşlaşyp gitdi. Gürrüňdeş bolanymyzda Gurban Hallyýewiç Agalyýew hem bardy.

18.02.2009. (üçünji gün)

Şu gün gündiz sagat 3-lere bir zenan maşgala jaň etdi. Tanamadym. Tanatjak bolup “Moskwa… “ diýenden , tanadym. Moskwada bile okapdyk. Ondan bäri 35 ýyla golaý wagt geçipdir. Täsin galmaly ýeri, şo gün telewizorda aýdymçy Anna German hakda gepleşik berdiler. Onuň aýdan aýdymlary eşitdirildi: Bu-da şo gün meni uzaklarda galan Moskwada okan ýyllaryma äkitdi.

09.03.2009

Öten agşam “Azatlygy” diňledim. Mämmet Seýide bagyşlap gepleşik berdiler. Ýetmişinji ýyllaryň başlarynda Ýazyjylar soýuzynyň başlygy bolup işlän Rahym Eseniň çykyşy meni geň galdyrdy. Mämmet agany tanandan bolup gürrüň etdi. Ol Mämmet aga hakda kimdir birinden eşiden gürrüňlerini ýalandan zowladyp otyr.
Men başlyk bolup işläp ýörkäm, Mämmet Seýit iş sorap geldi. Konsultantlyga. Şony maňa aldyrtmadylar. Nämemiş, ol awariýa edipmiş…
Bu gürrüň ýalan. Sebäbi Mämmet aga ýetmişinji ýyllarda işsiz oturan adam däldi. Ol Beki Seýtäkowyň ýardam etmeginde “Sowet edebiýaty” žurnalynda poeziýa bölüminde köp ýyllaryň dowamynda işläpdi.
Rahym Esen köp babatda ýalan gepleýär. Sebäbi ol köp ýazyjy-şahyrlary içgin tananok. Kim hakda geplemeli diýseň, gepläp oturan adam. Mämmet Seýit – diýýär. “Tokmakda” işlän döwri, redaktory Çary Aşyry SK-a çagyrypdyrlar. Çary Aşyr 5-10 minutdan bir zady ýadyndan çykaryp dolanyp gelse, Mämmet gaýtmak üçin ýola şaýlanyp oturan eken. Çary Aşyr “Mämmet, sen nirä?” diýip sorasa, ol “Aý, Çary aga, sen gideňsoň edarada

durarlygy ýok” diýip jogap beripdir diýýär.
Birinjiden, Mämmet aganyň “Tokmakda” işlänini eşdemzok. Ikinjidenem, bu waka hakykatdanam bolan. Ýöne ol “Tokmakda” Çary Aşyr bilen baglanyşykly däl, ol Mämmet aganyň işlän “Sowet edebiýaty” žurnalynda Beki Seýtäkow bilen baglanyşykly.
Garaz, Rahym Esen şuň ýaly zatlary bilenden bolup bulaşdyrýar.

12.03.09. (dördünji gün)

Düýn Seljuklar döwrüniň edebiýaty bilen baglanyşykly halkara konferensiýasy açyldy. Konferensiýanyň bolýan ýerine awtobusda gitdik. (Berzeňňi).
Ýanymda edebiýatçy alym Abdyrahman Mülkamanow bilen gürleşip gitdik. Maryda Weli han, onuň uly dogany Allanazar baý hakda gürrüň berdi. Allanazar baý diýilýäni, ak goňur, (Abdyrahman agaň özi gara goňur), Käbä gitjek diýip Töre ahunyň ýanyna barypdyr. (Alymyň aýtmagyna görä, Töre ahun 1885-nji ýylda aradan çykan bolmaly). Şonda ahun oňa oba ilaty üçin goşmaça ýabyň zerurlygyny, şony gazmaga hemaýat etse, Käbe giden ýaly boljagyny aýdypdyr. Baý şo ýaby gazdyrypdyr. Şo ýabyň uzak döwrüň içinde daýhanlara hyzmat edendigini aýtdy. Weli han hakynda hiç kim hiç zat ýazanok. Onuň Maryda näçe kärhanasy bar eken. Özem sahawatly adam bolupdyr.
– Kakam ahun derejesine ýeten adamdy. Haçan görseň ýolagçydyr. Günde näçe-näçe ýere aýat okamaga çagyrardylar. Ölen günem howanyň gaty yssylygyna garamazdan, aýada gidipdi. Ol 1949-njy ýylda aradan çykdy. Ýetmişden geçipdi (Abdyrahman aganyň özem şu wagt ýetmişden geçen).
Kakamyň köp ýeri bardy. Birki gektar ýerini miweli agaç ekdirip, miwesi ýetişensoň, men ýoldan aryp gelen adamlar üçin alma, erik, üzüm… ýygyp ötegçilere hödür etmelidim. Kakamyň maňa tabşyrygy şeýledi. Adamlar iýip, “Pylany ahun aga taňryýalkasyn aýtdy” diýewer” diýýärdiler.
Ine, şol adamyň ogluna-da “wenezzina” diýdiler – diýip, Abdyrahman aga öýkesini mälim etdi.
Geçen ýyl doktorantura dokumentlerini tabşyranda onuň dokumenterini gijä galdy diýip kabul etmändirler. Her näçe

düşündirjek bolsalar-da, Abdyrahman aga erjellik edipdir öýdýän. Ýolbaşçymyz hem çydaman näme diýjegini bilmän “wenezzyna” sözüni dilinden sypdyran bolmaly.
Şol günleriň birinde alymlar geňeşi geçirilende geňeşiň soňunda Abdyrahman aga özi bilen bolan wakany gürrüň berjek bolandyr-da, oňa söz bermediler. Oňa meniň özüm şaýat. Ýöne näme üçin söz berilmändigini, Abdyrahman aga gürrüň berenden soň düşünip galdym.

29.03.2009

Şu gün “Bedew” magazinininiň ýanynda maşynly garaşyp, ogurlyk hakda çagalar bilen gürrüň edip otyrdyk. “Häzir maşynyň ýanynda bir zat goýup gitseň, iki minutdan ýok edip äkiderler” – diýip, oglanjyklaryň biri aýtdy. Menem ony tassykladym. Şo wagtam gapdalymyzdan geçip giden maşyndan şakyrdap bir açar asfalta gaçdy. “Biz almasagam başga biri görse alar. Şonuň üçinem bar-da alyp gaýt” diýip, Durnanyň doganynyň oguljygyna aýtdym.
.Ýaň-a, biz arassalyk hakda gürrüň etsegem, biziň şony saklap bilmejegimizi subut edýän ýaly, bir güýjüň muny bize görkezendigine haýran galdyk.
Bu bir ýylan hakda ýazan rubagym bilen bolan wakany maňa ýatlatdy…

01.04.2009

Şu gün sagat 11-den soň Kakabaý Gurbanow, Kakabaý Ylýasow hem men üç bolup, Gökdepäniň Nowa obasynda ýaşaýan ýazyjy Kakaly Berdiýewi görmäge gitdik. Geçen ýyl Kakabaý bilen ony görüp gaýdypdyk.
Bolýan içki jaýyna girip, men onuň bilen salamlaşdym. Ol iki aýagyny uzadyp, klýonkanyň deregine gazet ýazyp, bir döwüm çörek bilen, öňünde käşirden edilen salat, bir jamda-da iki sany kotlet hemem gowurma iýip oturan eken. Hal-ahwal soraşýançam yzymdan Kakabaý Ylýas girdi. Soň Kakabaý Gurban. Birsalym oturdyk. Geçen ýylkydanam lagşapdyr.
– Uruş ýyllary peduçilişäni gutardym. “Sowet Türkmenistany”

gazetiniň redaktory Aşyr Annabaýew bilen goňşudyk. Ejem haýyş edipmi ýa onuň aýaly "Ýetimlere kömek et, işlär ýaly" diýensoňlar, ol meni redaksiýada hat gatnadyjy edip işe aldy. Häzirki "Türkmenistan" myhmanhanasynyň ýerinde ýerleşýän redaksiýadan men poligrafa hat gatnadýardym. (Köne poligraf häzir on atyň ýadygärligi dikilen ýerde ýerleşýärdi – A.Ç.).
Kakaly Berdiýew bilen hoşlaşyp gaýtdyk. Men oňa käkilik otuny äkidip berdim. Hoşal boldy.
Düýn Hemra Şirowa gabat geldim. Kakalydan gürrüň çykdy. "Mendenem salam aýdyň" diýdi. Men onuňam salamyny gowşurdym.

05.04.2009

Düýn teke bazarynda boldum. Kitap satylýan ýerde "Materialy Turkmenskoý literatury" atly kitaba gözüm düşdi. 1997-nji ýylda çykypdyr. Beýleki türkmen ýazyjy-şahyrlaryň arasynda meniň "Watan hakda söz" atly ýazgym hem-de birnäçe goşgym bar eken. Men bu kitapdan habarym ýok. Kitabyň bahasy 150 müň manat (satýan adamyň goýan bahasy). Satyn alyp bilmedim. Gymmat.

21.04.2009

Ýaňy Baýram Kerbabaýew (medisina ylymlarynyň doktory, professor. Berdi Kerbabaýewiň Merýem Ezizi atly aýalyndan bolan) jaň edip, Baky Kerbabaýewiň (Berdi aganyň uly ogly) 88 ýaşynda Moskwada (ol soňky ýyllarda şol ýerde – çagalarynyň arasynda ýaşady) 21-nji martda aradan çykandygyny, özüniň hem Moskwa gidip gelendigini, Baky aganyň kyrk gününiň 30-njy aprelde Berzeňňide ýaşaýan oglunyň öýünde geçiriljekdigini aýdyp, meni hem şoňa çagyrdy. 'Başga-da ýaşulyny tananlara aýtsaň" diýdi. Atajan Taganyň, Mämiliniň (Aşyr Mämili), Agajan Geldiýewiç Babaýewiň adyny tutdy.
"Atajanyň öýüne jaň etdim. Mara giden ekeni" diýdi.

25.04.2009. (Şenbe) 8:35

Rubagy. "Özün oda urýar, belli ýanjagy, Kebelegiň akyly ýok…" diýip soňlaman, telewizora seretdim. Diwandan turamok. "Ýada

salyp ýala gelen ganjygy” diýen setiri düýn ýazypdym. Ýazmak üçin ruçkamy aljak boldum. Ruçka ýerinde ýok. Ýogsam ýerimden turamog-a! Geň galdym.
Şu gün Orazgülüň ýylyny belleýäs. Serdarlarda. Ertir — 26-njy aprel ýene geň galmaly (ýazyp oturan ruçkamyň syýasy gutardy), onuň awariýa düşüp ýogalanyna göni on ýyl dolýar.
Gije Orazgül düýşüme giripdir. Täze etden şorsuw bişirip, öňümde goýýan ekeni. Keýpi gowy. Başga zat ýadyma düşenok.

11.05.2009

Çaryýar Garajaýew, filologiýa ylymlarynyň kandidaty:
— Alym Rahman Rejebow doktorlyk dissertasiýasyny gorapdy, onuň birinji opponenti özbek alymy Lazyz Kaýumow çykyş edip, şeýle diýdi:
— Men siziň öňüňizde baş egýän. Umuman, özbek halky türkmene hemişe baş egýändir — diýip, söze başlady hemem eglip baş egdi.
Soňundan weli türkmenleri şeýle bir tankyt edendir weli, heý, goýaý. “Magtymguly Nowaýydan kemmi. Belki, ol ýokarydyram. Nowaýy şumat özbegiň 25 ojagyny ekleýär. (Ýagny, bu diýdigi özbekleriň 25-si Nowaýydan dissertasiýa gorap, alymlyk derejesini aldy — diýdigi).
Emma sizde Magtymguludan Geldi Orazowiç Çaryýew, Baýmuhammet Garryýew, ýene birki sany alym bolaýmasa, Magtymguludan dissertasiýa goran ýok — diýdi…

13.05.2009

Gurban Hallyýewiç Agalyýew, taryh ylymlarynyň kandidaty:
— Ýyly anyk ýadyma düşenok — 1981—85-nji ýyllar aralygynda bolmaly. Aşgabatda, Syýasy Magaryf öýünde (“Mekan” köşgünde) propagandistleriň ýygnagy geçirildi. Men Krasnowosk obkomynyň ikinji sekretary bolamsoň, ýygnagyň prezidiumyna düşdüm. Şonda tanaýan bir kommunistim özi diläp, söz aldy.
“Men 19 ýyldan bäri obuwnoý fabrikde propagandist. Eger-de bir zat bolup, kommunistik ideýany propagandirleýän ýekeje kommunist galaýsa, şony men hasaplaň” diýdi. Indem ol

kommunistlere garşy çykyş edýän adam boldy. Ol Orazmuhammedow, Garaýew, Ýollyýew, Dowly Garaýew, Şabasanow dagylaryň arasyndady.

14.05.2009

Edil şumat Aman Nurmuhammedow (Döwletgeldi Ökdirowyň çykany) bilen Döwletgeldilere baryp gaýtdyk. Aýaly Sülgün, iki gyzy bar eken.
Sülgün aglady. “Hiç kim – ne doganlaryndan, ne bajylaryndan ýagdaýyň niçik?” diýip, habar alýan ýok. Alyhan (Döwletgeldiň gardaşy) bäride etmese-de öz öýünde (şäherde) geçirip bilýär-ä” diýdi.
Maşgalanyň içinde biri çekmeli. Merdanjanyň jany sag bolsun. Şol direg” diýdi.
Sülgüniň gan basyşy bar eken. Ýürek agyrysy azar berýär.
Ol meniň ýagdaýymy sorady. Şu gün Döwletgeldi Ökdirowyň 70 ýaşynyň dolmagy mynasybetli oba – Könekesire gidilýär. Gören adamlar “Şäherde geçiräýmeli ekeni” diýýärler. Sülgün bizden razy bolup galdy, pahyr.
Sülgüniň özi 800 müň manat (häzirki pulda 160 manat) pensiýa puluny alýan ekeni. “Şonuň ýarysy hem däri-dermanyma gidýär” – diýip, aýtdy.
Döwletgeldiniň bir ogly (kiçisi) türmede bolmaly. Iki gyzy hem Sülgüniň öýünde. “Gülnar – 57-nji mekdepde mugallym bolup işleýän” – diýdi. Iki gyzy bar eken – kiçi gyzy birküç günlükde ýykylypdyr. Eli saralgy.
Sülgün 19-njy sentýabrda doglupdyr. 21-nji sentýabrda hem kakasyny fronta ugradypdyrlar. Kakasy frontdan gaýdyp gelmändir. Ejesi ýeke gyzy bilen onuň ojagyny saklapdyr. Soň Döwletgeldi gaýnyny öz öýünde saklapdyr.

26.05.2009

Aba Gylyçdurdyýew, filologiýa ylymlarynyň kandidaty (25. 05. 09):
– Aman Kekil bilen Pöwrizede ýazyjylaryň daçasynda bolýardyk.
Guwanç Kerimi daýaw adamdy. Horlanjak bolup ol şo ýerde

ylgaýardy. Aman aga:
– Guwanç, näme, GTO-nyň znaçogyny aljak bolýarmyň? – diýip degişýärdi.

Uniwersiteti gutaramdan soň “Sowet Türkmenistany” gazetinde işledim.
1-nji iýun – Çagalary goramagyň Halkara güni. Goşgy gerek. Kerbabaýew ýok. Anna Kowus ýok, özem gyssagly. “Saýrak bilbiller” diýip goşgyny özüm ýazdym. Şo nomerde-de çykdy. Şo nomere baş makala-da gerek. Onam meniň bölümimiň başlygy Mämmet Badaýewe tabşyrypdyrlar. Olam gelenok. Sekretariatyň işgäri Kakaly Kuly “Özüň ýaz” diýdi. Ýewgeniýa Artýomowna diýip maşinistkamyz bar (ermeni. Äre çyksaň ölýäň diýseler, durmuşa çykmady, 64 ýaşynda), şoňa bada-bat diktowka etdim. Maşynkada 5 kagyz bolmaly.
Bir ýerden Mämmet gelýär. Her goltugynda bir podşiwka. Baş makala ýazmak üçin. Kakaly “Baş makala ýazyldy” diýdi. “Kim ýazdy?” “Aba”.
Götüni ýerde goýdy. Şondan soň ol meniň bilen ugry bolmady.

– Bir garry adam neşirýatyň direktory boldy. Gowy adamdy. Soňky alan aýaly demir ýol ugrunda wezipede işleýärdi. “Aýalyň edip ýörenini görseň gel” diýipdirler, barsa kabinetinde uly kampaniýa diýýär. Ýüregine sygdyryp bilmän soň ölýär.
Sapar Rahmanyň bir aýal dogany Hajat daýza – Gurbandurdy Gurbansähedowyň aýalydy. Owadan aýaldy. Elinden kän çörek iýipdik.
Aba aga bilen şol söhbetdeşlikde bile işleşen alymlary hakynda-da gürrüň etdik.
– Ata Annanurow doktorskini iki gezek gorady. Birinji gezek goranda Zylyha Bakyýewna Muhammedowa Moskwa, WAK-da işleýän filolog jorasyna hat ýazyp, dissertasiýada onuň (Moskwadaky aýalyň) konsepsiýasyna gabat gelmeýän pikiri orta atýandygyna (hal işligi hakynda) ýazypdyr. Ol aýal Ata diplom berdirtmedi. Soň ol Moskwa gidip, 2-3 ýyldan soň täzeden gorady.
Men gürrüň arasynda şu zady aýtdym:
–O gün Gylyç Nepesow: “Doktorskim taýýar, ýöne gorajak däl”

diýdi. “Eger Ata Annanur ýaly goramdan soň üç ýyldan soň öljek bolsam, Borjakow, Weliýew, Toýly Guzuçyýew ýaly gorandan soň öljek bolsam, Annamuhammedow ýaly diplomymy görmän gitjek bolsam, maňa doktorskiý näme gerek?” diýip, aýtdy – diýdim.
– Aman Kekil bilen bir otagda işledik. Häzirki halk döredijilik bölüminde Kakabaý Seýitmyradow dagy oturýardy. Aman aga olara “Pöwheleriň otagy” diýýärdi.
Guwanç Kerimi meň ýanyma gelende ol mydam: “Aba, doktorskiý gorajak bolma” diýip, maslahat berýärdi. Sebäbi garşydaş tapylyp, işiňi görýärdiler.
Men şo wagt proffessor Çary Baýryny ýatladym. “Gorandan soň arza baryny ýazdylar. 4-5 gezek Moskwa gidip geldim” diýip aýdýardy.
Men Bäşim Şamyrat hakda soradym. “Bäşim gorady. Ýöne üstünden arza ýagdyrdylar. Diplom bermediler. Pygam Azymyň ýolbaşçylygynda. Jora Allakow, Kaýum Taňrygulyýew kän arza ýazdylar.
Kaýum doktorskini goranda hem Bäşim onuň işini gowy seljerip, Moskwa ýazypdyr. Kaýumam diplomyny alyp bilen däldir.

27.05.2009

Şu gün öýlän Gurban Hallyýewiç Agalyýew bilen halk hudožnigi Durdy Baýramowyň ussahanasyna bardyk. Gujaklaşdyk. Täze çeken işlerini görkezdi.
Meň suratymy çekende beren bir gürrüňini ýatladym: Aman Agajygyň suratyny çekende işiň dördünji sagadynda Aman ýüregi gysyp, “Durdy jan, gür berseň bolarmy?” diýip soranda, Durdy Baýramow: “Bolar. Ýöne şu jaýda seň gürrüňiňi diňlejek ýok” diýipdir. Amanam 5-10 minut geçenden soň ýerinden turup, gülüp başlapdyr.
Soň biz Ýakup Annanuryň ussahanasyna – gyzy Maral Annanurowanyň ýanyna sowuldyk. Maral awariýada maýyp bolupdyr.
Men oňa kakasy bilen baglanyşykly ýatlamalar kitabyny ýazmagy maslahat berdim.

28.05.2009

Çaryýar Garajaýew, filologiýa ylymlarynyň kandidaty, institutyň söz medeniýeti bölümçesiniň müdiri:
– Men diller institutynda-da az-owlak işledim.
Bir gezek tagtanyň ýüzüne “Sahatmuradow” diýip ýazyp, studentlerden şuny türkmençe ýazmagy soradym. Birem bilmedi. On iki studentiň birem dogry ýazyp bilmedi.
Kafedra maslahatynda şuny aýtdym. Mugallym Enegül Aşyrowa: “Beýle däldir. Biz okuwa alamyzda pitikläp alýas” diýdi. Menem: “Nämäni pitikläniňizi bilemok. Şol-a hak” diýdim. Dekan Ymamberdi Çaryýarow, olam: – Beýle bolmaga haky ýok – diýdi.
Ertesi dekanyň özi bilen auditoriýa girdik. Düýnki sowalymy gaýtaladym. Düýnki ýaly, hiç kim bilenok. Dekan-a: “Men-ä gidiberjek” diýip çykyp gitdi.
Ekzamen almaly wagty “Çaryýar aga, ekzameni özümiz alarys” diýdiler. Men rektor Rejepdurdy Garaýewiň ýanyna girdim. Ýagdaýy aýtdym. Olam: “Bizde düzgün şeýle” diýdi. Ol meniň ýanyna girenimi kafedra habar beripdir.
Bir gün auditoriýa girjek boldum. Yzymda eli magnitofonly sekretar gyz gelýär. Sorasam, “Başga auditoriýa sanawy bilmäge barýan” diýdi. Sapaga başladym. Studentleň biri yşarat bilen meni öz ýanyna çagyrdy.
Gapynyň açar salynýan ýerinden mikrofonyň ujy görünýär. Men gapynyň ýanyna bardym-da, aýagym bilen gapyny batly urdum. Gapyny açybam ýapdym. Birsalymdan gapyny açyp seretsem, zalyň ugrunda ýaňky sekretar gyz özüni bilmän, serrelip ýatyr. Magnitofonam çym-pytrak bolupdyr.
Birki sany oglan ony göterip diýen ýaly auditoriýadan daşlykda oturar ýaly diwara söýäp goýdular.
Soň meni dekan görüp: ”Sekretarymyň aýagy büdräp ýykylaýypdyr” diýdi.
Meni yzarlap başladylar. Gowulyk bilen gutarmajagyny bilip, “ekzamenler gutarandan soň arza bermeli” diýdim. 8-ne ekzamenim. Ekzamen alyp, 9-na-da “işden boşadyň” diýip, 7-sine arzamy berdim. Birsalymdan “arzaňa gol çekildi” diýildi.
Arza beren günümden işden boşatmaly diýip gol çekilipdir. Ine, şeýle-de bolupdy – diýip, Çaryýar aga şu gün irden maňa gürrüň berdi. Waka 90-njy ýyllaryň ortalarynda – Garaýewiň rektorlyk

eden döwründe bolupdyr.

28.05.2009

Gurban Hallyýewiç Agalyýew bilen garyndaşymyň ýylyna göründik. Nyýazow döwründe söwda ministri bolup üç ýyl işlän Ýazlakow bilen tanyşdyk. Ol şo jaýda ýaşaýan eken.
Ol meniň kimligimi sorady we oňa aýdanlarynda: “Allaýar Çüriýewmikäňem öýtdüm, ýöne ýalňyşmajak bolup soradym” diýip, maňa: “Ähli eden işleriň üçin taňryýalkasyn. Sogap işler” diýdi. Ol meniň ir döwürde ýazan repressiýanyň pidasy bolan adamlar hakda ýazan makalalarymy göz öňünde tutandyr.
– Men Kakanyň Gozgan obasyndan. Magtymlar. Ir döwürde bu ýere Gökdepeden öwlatlar göçürilip getirilipdir. Men on ýyl Kakada potrebsoýuzyň başlygy, on ýyl Mary oblastynyň potrebsoýuzynyň başlygy boldum. Dokuz ýyl söwda ministriniň birinji orunbasary boldum. Üç ýylam söwda ministri boldum. Rybalow bilen dokuz ýyl bile işledim. Ol-a ministr, men onuň orunbasary. Komandirowka gidemizde hiç ýerde nahar iýmeýärdi. “Öýde iýeris’ diýýärdi. Iýäýen ýerinde-de kwitansiýasyny alýardy. Ähli kwitansiýalary meniň seýfimdedi. Ondan kemçilik tapjak bolup kän gözlediler. Tapmadylar. Tapylsa basjakdylar. Rybalowy ministr wezipesinden aýryp, meni goýdular. Oňa iş berilmedi. “Pylan ýere işe barsyn” diýip, meniň üstümden hereket etjek bolnanda, “Meniň öňki başlygym. Men nähili aýdaýyn” diýdim.
TKP MK-nyň birinji sekretarlygyna bellänlerinde, plenumda Rybalow zalda oturan ýerinden, söz bermejegem boldular, tribuna çykyp, täze belleniljek sekretardan düzüwli ýolbaşçy bolmajakdygy hakda aýtdy. Ol şo wagt Ministrler Söwetiniň bölüm müdiri bolup işleýärdi. Täze sekretary tankyt edenden soň, ol ony sosial üpjünçilik ministriniň orunbasary edip işe iberdi. Rybalow soň Orsyýede gitdi. Ol arassa işledi.
Täze ýolbaşçy bilen 20-nji mekdepde bile okadyk. Men 10-njy klasda okanymda, ol 7-nji klasda okaýardy. Basketbol oýnanda pökgini deşige oklanda ol aýagyny birhili edip zyňýardy. Okazywaýetsýa, şo wagt onuň aýagy rahit ekeni. Ol üç ýoldaşdy.

Biri ýetim – Marydandy, ýene birem Nury Halmämmedowdy. Üçüsem detdomdan gatnaýardy. Men mekdep internatda bolýardym.

01.06.2009

Wahyt Mesgudow, filologiýa ylymlarynyň kandidaty:
– Mekdepde okan döwrümde familiýam Muhammedowdy. Soň Gudratyllaýew boldy. 1962-nji ýylda hakyky kakamyň familiýasyny aldym – Mesgudow.
Maksut – bagtly.
Wahyt – awara, sergezdan.
1945-nji ýylda Aşgabat pedinstitutynda okap ýörkäm, awgust aýynda Moskwada bedenterbiýeçileriň Bütinsoýuz festiwaly geçirildi. Türkmenistandan 150 töweregi ýaşlar gatnaşdy. Pedinstituty gutaryp, goşun gullugynda, soň iki ýyl Baýramalyda işledim. Aşgabada geldim. Akademik Tagan Berdiýew bilen goňşy ýaşaýardyk. Kolsow köçesinde. Medinstitutyň ýanynda. Şo ýerde başga türkmen ýaşamaýardy. Galany ermeni, kürt, köpüsi azerbaýjandy.
Tagan Berdiýewiň aýaly tatarkady. Ady Sofýady. Uly gyzyna Aldoza diýýärler. Tagan Berdi aýaly bilen agşamlaryna gezelenje çykanlarynda gyzyna men seredýärdim. O gyz doktor nauk bolupdyr. Göremok.
Meniň adymy bir tatar goýupdyr. Belki-de, Tagan Berdiň aýalam bolmagy ahmal.
Hajy Ysmaýyl Seýitahmet işan şahasyndan. Musa Ysmaýyl Seýitmuhammet işan şahasyndan. Hajy kakamdan ulusyna Mahmyt, meniň kakam Hajydan kiçi, Ata diýibem dogany bolmaly. Meniň kakam, Ata Leningrad ugrundaky söweşlerde wepat bolan.
Meni Dil we edebiýat institutyna işe ýerleşdirenem Tagan Berdiýewdi. Dürjemal Ysmaýylowa bilen biz doganoglanmy ýa çykan bolýas.
Musanyň ogly Eziz bilen düýn iki bolup meniň doglan günümi belledik. 1929-njy ýylda doglan. Ýöne men towşan ýylynda doglan bolmaly. 80 däl-de, 82 ýaşymda.
Irden turamda 10 kilony birnäçe gezek göterýän. “Seňem garnyň bildirýär. Az-azdan zarýadka et” – diýip, maňa maslahat

berýär.

01.06.2009

Ejem maňa şu zady gürrüň berdi:
– Men toýdan gelsem, Nowbahar ýeňňem ýatan ýerinden: “Oguldurdy, Ysmaýyl ekem (molla Ysmaýyl ahun – Nowbahar enemiň atasy, Goçmyrat ahunyň uly gardaşy) öňüňden çykdymy? Edil şumat gitdi, aýagüjümda diwara söýenip, çommalyp durdy. Hiç zat diýmedi. Ysmaýyl ekem gelip gitdi” diýdi.
Aýal doganym Eneçeperden eşidenim: – Myhmanhanamyzy süpürip boldum. Ymyzganypdyryn. Düýşümde “Perişdeler gelipdir” diýip eşidýän. Oýansam, enem ýatyr. Ölmezinden öň: “Meniň ölümim ýakynlaşýar. Burnuma topragyň ysy gelýär” diýdi. Öljek wagty eli bilen bir zat düşündirjek bolýar. Hudaýary görkezdiler, başga birini görkezdiler. Bolanok. Baýjany soraýan eken. Biri “Ene, ine, men Baýjan” diýenden soň jan berdi.
Şo wagt penjireden ak kepderi girip, enemiň üstünden aýlandy, ýorgan-düşek goýulýan ýerde gondy-da, eneme seretdi durdy. Soňam uçup gitdi.
Şondan soň onuň ýanynda bolýan pişijigimiz hem öldi. Aşagynda kölegeleýän agajam gurap galdy.
… Rüstem bilen Bägülüň (Rüstem Eneçeperiň ogly, Bägülem gelni – A.Ç.) toýunda iki sany kepderi gelip, olary synlap-synlap gitdiler. Men “Mizan” restoranynyň öz kepderileridir öýtdüm. Ertesi Enebaý goňşym: “ kepderileri gördüňmi?” diýip sorady.
“Hawa, şo ýeriniň öz kepderileridir-dä” diýsem, Enebaý muňa başga düşünen ekeni. Ol kepderiler Orazgül bilen Mekan jan bolmaly. (Orazgül meniň ýan ýoldaşym, Mekan bolsa ýegenim. Olar 1999-njy ýylyň 26-njy aprelinde maşynly oba görme-görşe gidenlerinde Bamy ýolunda Gyzylarbat araçägine iki kilometr galanda maşyn heläkçiligine uçrap şehit boldular.Olaryň şehit bolan ýerinde ýadygärlik-nusga dikeltdik).

11.06.2009

Düýn şahyr Öre Daşgyn bilen Kerim aga Gurbannepesowy ýatladyk. (Institutda işleýän ýerimizde).

— Bir gezek Kerim aga redaksiýa gelip, meniň sözümi-de diňlemän, Tejene äkitdi. “Redaktora aýdaýyn” diýsemem etmän äkitdi. Tejende gowy garşyladylar. Ertirki çykjak gazetiň ýagdaýy meni gaty biynjalyk edensoň känbir ugrum ýokdy. (Öre şo wagtlar “Ýaş kommunist” gazetiniň jogapkär sekretary eken. Şu günem ertirki çykjak gazetiň wýorstkasy gidýär). Tejene baramyzsoňam redaksiýa jaň edeýin diýsem, hiç diňlänok. Pahyr özi öň žurnalda işlese-de, gazetiň ýagdaýyny düýbünden bilmeýän ekeni. Iýip-içip otyrys. Kerim aga maňa garap: “Sen Jüneýit hanyň ýurdundan bolsaňam, bu ýer Eziz hanyň ýurdudyr” diýdi. Meňem agzyma geleni “Jüneýit hanam, Eziz hanam ýok. Sapargeldi Han diýibem bar” diýdim. Jogabyn Kerim aga ýarady. Hezil edip güldi. Sapargeldi Han diýýänim gazetiň redaktory.
“Bar, onda jaň et” diýdi. Orunbasarym Döwran Agala etmeli zatlary düşündirdim, telefonda Sapargeldiň sesi eşidildi weli, trubkany goýdum.
Kerim aga nahardan öň bir bölejik çig kelem iýýärdi. Ýüregiň ýagyny aýyrýar diýipdirler. Saçagyň üstünde hemme zat bar. Kelem ýok. “Kelem” diýip, adamlara eşitdirseň, Kerim aganyň gaharynyň geljegini bilemsoň, daş çykyp, kelem soradym. Kelem ýagandyr-ow. Men şolardan birini sumkama saldym. Bir bölejigem hiç kime bildirmän Kerim aganyň öňünde goýdum.
Tejenden gaýdyşyn Kerim aga meniň bilen redaksiýa sowuldy. Tejendäki gürrüňi Sapargeldä aýtdy. Sapargeldi gowşady. Ýöne gaharynyň entek sowamandygyny bilýärdim.
Kerim aga ölmezinden öň “ýüregim gysýar, ýat” diýdi. Şo gün onuň bilen oturyp, gije öýünde ýatdym. Habar edeýin diýsem, öýde telefonam ýok. Çagalar biynjalyk bolupdyr. Şonda Kerim aga: “Biziň ahallylaryň ugry ýog-aý” diýdi. Wezipesi bolmansoň, soňky wagtlarda gelip-gidip ýagdaýyny soraýanam az bolmaga çemeli.

23.06.2009 ý.

Arada filologiýa ylymlarynyň kandidaty, dil we edebiýat institutynyň bölümçe müdiri Çaryýar Garajaýew bilen gürrüňdeş boldum.

– Obamyzda (Bagyr obasy) Anna murt, çyn ady Annagurban Gurdow diýen bir adam bardy. Obadaşlaň biri sadaka berdi. Anna murtam, ýanynda birki sany ýetişen ogullaram bar. Ol ýarawsyz bolansoň tapçanyň üstünde aýagyny uzadyp ýatyrdy. Keseli düwünme – rak.

Ýanymyza Kyýas atly bir obadaşymyz hem gelip oturdy. Oturandan soň, yzygider üsgürip başlady. Goýar ýerde goýmady. Onuň öýken keseli bardy. Şonda ol Anna murta garap: "Şu ýagdaýa meni sen saldyň. Öz etiňi özüň iýmeseň, Hudaýdan razy däldirin. Sen meni 17 ýaşymda nirelerden çykardyň" diýdi. Ogullalaram seredip dur. Anna murt ýerinden turdy-da, sesini çykarman öýüne ugrady. Yzynda-da ogullary. Kyýas biziň garyndaşymyzdy. Ol 37-nji ýylda, 17 ýaşyndaka Anna murtuň ýamanlamagy bilen Sibire sürgün edilipdir.

1962-nji ýyllarda garyndaşlaryň biri "Gel, bäride günümiz gowy. Ýitip gitme" diýip (Kyýas sürgünlik möhleti gutaryp, şo ýerde galypdyr. Şo ýerde-de öýlenip, iki gyzy bolupdyr. Gyzlar: "Gitseň git, ýöne oňmasaň yzyňa gel" diýipdirler) hat yzyna hat ýazandan soň oba geldi. Soňam oňa hiç kim seretmedi. Itiň güni bilen ýaşady. Yzyna gaýtjagam bolsa, ýola pul tapmady. Şeýdibem galyberdi. Ölende-de eleşan bolup öldi.

Anna murt diýeni öň zamanlarda Eýrandan görme-görşe gelýän kürtleriň zatlaryny aldap alyp (bular üç adam) gargyş siňen adam. Üçüň biri – oba şurasyndan başlygy eken. Kürt oba gelende ilki bilen oba şurasyndan rugsat almaly eken. Oba şura-da bildirmän, şo üç adama habar berýär. Bularam onuň ýanynda näme barlygyndan, nirede ýatjagyndan eýýäm habarly.

Bir gije oba şuranyň başlygynyň öýüni biri kakýar. "Kim?" diýse, "Şirmämmet" diýip jogap berýär. Girenden soň, ol oba şurany güpbasdy edip, aýalyna-da çyrany tutduryp, onuň bokurdagyny çalyp gidipdir. Aýalynam elini-aýagyny daňyp, obanyň bir çetinde goýup gidipdirler.

Şuny Çaryýar aga şol aýalyň özi gürrüň beren eken.

Beýleki üçüň biri hem soň wejera edilip öldürilipdir.

25.06.2009

Orus bazarynda terjimesi ýazyjy Daňatar Berdiýewe gabat geldim. Täze satyn alan köne sowet telefonyny işlemänligi üçin yzyna, magazine gaýtarmaga barýan eken. Men oňa edaranyň döwük telefonyny bejerdişim, şonda ussa aýalyň düzedenden soň, özi aşak düşüp: “Indi şu telefony getirmäň” diýip, haýyş edişini gülüp gürrüň berdim.
Şonda Daňatar Berdiýewiç çaga wagty kakasynyň özüni dellekhana getirişini, saçy buýra-buýra, gaty bolansoň ermeni parikmaher “Indi şu oglany meň ýanyma getiräýme” diýdi diýip aýtdy.

25.06.2009

Moskwadan Sergeý Mironow Russiýanyň indiden beýläk täze sosializm ýoly bilen gitjekdigini ilkinji gezek yglan etdi. On ýedi ýyllyk ýykgynçylykdan soň muny eşitmek üýtgeşik!!!

01.07.2009

Ýazyjy Öwezdurdy Nepesow öz öýünde ak goýun sadakasyny berdi.
Ýazyjy Täçmämmet Jürdekow gülüşdirip şeýle diýdi:
– Daşarda otyrdym. “Butylka prinimaýem. Çüýşe ýygnaýas” diýip, bir ýigit gygyrýar. Ol “Ýaşuly çüýşäňiz barmy?” diýip sorady. Menem: “Aragy taşladym” diýdim. Ol “Oňarmansyň” diýdi.
Atamyrat Atabaýew: “Gazetiň okalmaýany hem bir gowy zat. Bir goşgymy şo bir gazetde ýigrimi gezek dagy çap etdirdim” diýip gülüşdirdi. Men “Sözbaşysyny üýtgedensiň-ä” diýsem, “Ýok. Hiç zat üýtgänok” diýdi. Oturanlar – taryhçy Baýramdurdy Gurbanowam, Muhammet Gurbansähedowam, Ýazgylyç Orazgylyjowam hezil edip gülüşdiler.
Orazgylyjow: “Öň (sowet döwri) biziň ylymda ýeten derejämiz hiç kimiňkiden pes däl ekeni” diýdi.

03.07.2009

Işe – instituta Akmyrat Hommadow geldi. Ol sowet döwründe ençeme ýyl Ministrler Sowetinde işledi. “Türkmenistan” neşirýatynyň direktory boldy. Geçen ýyl bize işe girmäge gelende, özüniň bary-ýogy ýedi ýüz müň manat pensiýa alýandygyny, ilki pensiýaiýasynyň iň ýokary bolandygyny, soň

Nyýazowyň çykaran karary netijesinde pensiýasynyň şu möçbere getirilendigini, Meret Hudaýgulyýew diýen bir ministriň bolsa pensiýasynyň 300 müňe getirilendigini, onuň ölüp gidendigini aýdypdy. Direktor Akmyrat agany işe almandyr.
Men ondan pensiýasynyň nähili bolandygyny soradym. "Çözüldi. Özem örän gowy edilip çözüldi" diýdi.
– Men şu ýylyň başynda Prezidente 4 gezek telegramma iberdim. Tekstini hem gowy edip ýazdym.
"Pensiýa hakynda siziň çykaran kararyňyz işlänok-da, oňa derek Mätkerim Rajabowyň goly çekilen karary, Nyýazowyň 2002-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran 5567-nji karary maýak hökmünde işleýär. Siziňki işlänok" diýip ýazdym.
Meni agşam sagat sekizden işlände öýümden ministrlige çagyrdylar. Şo günem çözdüler. Häzir pensiýam iki milliondan gowrak. 11 ýyllap arz etdim. Hiç kim çözmedi. Maýa Mollaýewanyň ýanynda (arhiwde) işledim. Pensiýam hakynda arza ýazsam, oňa-da ýokardan jaň etseler, gapyny bat bilen açyp: "Sen nirede işleýäniňi bilýäňmi?. Şu ýerde işläp, arza ýazmak bolanok" diýip, azgyrylyp giderdi. Şonuň üçinem onuň ýanyndan işden çykdym.
Akmyrat aga meniň ýanyma Babadaýhan etrabynyň ymamynyň haýyşy bilen gelipdir. Olar meni etraba çagyrypdyrlar. Sebäbi hem Magtymgulynyň Türkmenistanda hem-de Eýranda çykan neşirlerinde käbir goşgularyň laýyk gelmeýänligi. Umuman, Magtymguly hakynda gürrüň etjekler.
Men Magtymgulyşynas däldigimi, olara men doly bir zat aýdyp bilmejekdigimi aýtdym we Magtymguly bölüminiň müdiri Baýram Taganow bilen duşurdym.
Akmyrat aga bilen hoşlaşanymyzda ol: "Barybir, babadaýhanlylar seniň bilen gürleşjekler. O ýerde seniň iki sany kursdaşyň hem bar" diýip aýtdylar" diýdi.
Häzirki ymam, ozal raýkomyň propaganda we agitasiýa bölüminiň müdiri eken.

08.07.2009

Türkmen köli hakdaky ilkinji aýdymyň sözlerini men ýazdym.

Sazyny kompozitor Kerim Garowow ýazypdyr. Baýram Çaryýew telefonda diňletdi. Erbedem däl.
Şo goşgy şu gün “Türkmenistan” gazetinde çap edildi.

16.07.2009

Düýn meniň 60 ýaşym doldy. Öýde geçirdim. Kakabaý Ylýas, Gurban Agalyýew we dogan-garyndaşlar gatnaşdy. Köp adam gutlap jaň etdi. Şo gün Türkmen kölüniň açylyşy boldy. Türkmen köli hakdaky aýdymy ilkinji gezek ýerine ýetirdiler. Aýdymyň sözleri meniňki. Doglan günüme sowgat diýen ýaly boldy.
Merkezi kitaphanada 60 ýaşyma bagyşlap sergi açylypdyr. Gutlap jaň edenler (ýadyma düşenler) Iwan Aleksandrowiç Woronin (Wolgograd), Gulýa Myradowna Aýtakowa (Nebitdag), Ogulgerek (Mary şäheri), Wiktor Zaýsew, Türkmenistan Demokratik partiýasy, Baýram Çaryýew, Medeniýet ministrliginden, Sona Ýazowa, Ogultäç, Aga Garajaýew – uruş weterany, Akmyrat Nurberdiýew, Myrat ýegen, Jemile ýegen – Krasnowodsk, Bela Bagdasarowa, Amangeldi Setdarow, Hajy Samedi – Eýran – ýadyma düşenleri, başga-da bardyr.
Meret 60 ýaşyma rubagylarymdan büklet ýasadypdyr. “Edebiýat we sungat”, “Adalat”, “Watan” gazetleri goşgularymy çap etdi. “Wozroždeniýe” žurnaly meniň rubagylarym hakda G. Agalyýewiň makalasyny çap etdi. Şo gün (düýn) signalnisyny Wiktor getirip gitdi.
“Türkmen dili” gazeti çap etjek diýip aldady. “Garagum” žurnalynyň iýul sanynda goşgularym çykmaly.

30.07.2009

Her ýylyň iýul aýynyň 23-24-25-ne howa üýtgäp, ýagyş ýagýardy. Bu ýyl howa petiş. Adatdakylaryndan yssy. Ýöne şu gün howa bulutly. Bir ýerlerden ýagyşyň ysy gelýär. Bir gezek gök gübürdän boldy. Ertir irligine garamazdan, howa yssy, dymyk.
Indiki ýylyň şu güni nähili bolarka? Ýadyma düşse, nesip bolsa, şu ýazga serederin.

13.08.2009

Düýn “Ylym” neşirýatynda çap edilen “Seniň söýdük gara gözleň…” atly goşgular ýygyndym bir müň ekzemplýar neşir edildi. Munuň üçin kitaba howandarlyk eden Resul firmasyndan 3 müňden (köne pulda 16 million manat) geçirdi. Öýe getirdim. Neşirýatyň direktory Allaberdi Kakajanowa, kitabyň redaktory Oraz Heşdekowa kitabyň ilkinji ekzemplýarlaryny ýazyp berdim.
Şu gün “Türkmen dili” gazetiniň redaktory Saparberdi Garahanow diýilýäne jaň edip, mundan bir ýyldan gowrak öň iberen rubagylar toplumym hakda gyzyklandym. Ol maňa rubagylaryň gahrymanynyň biziň döwrümiziň gahrymany däldigi (?), göwnüçökgündigi, biziň döwrümiziň gahrymanynyň ruhubelentdigini, özümiň hiç ýerde adymyň tutulmaýandygym üçin (?) her ýana çekseň çekip oturmaly pikirleri ýazýandygymy günäkärläp aýtdy. Men oňa “urra-urra” bilen rubagynyň ýazylmaýandygyny aýtsam, ol hasam güýjedi. Men onuň bilen jedelleşmegiň kelläňi diwara urmak bilen deňdigine bada-bat göz ýetirdim-de, oňa hiç hili garşy çykmadym. Ol rubagylaryň hem nirdedigini, tapylyp ýa tapylmajagyny aýtdy. Men şu ýerde gazetiň redaktory bilen däl-de, bukwoýediň hem iň bir ýaramaz görnüşi bilen gürleşýändigime düşündim. Men ömrümiň agramly bölegini metbugatda işläp geçirdim. Her hili samsygy gördüm, ýöne munuň ýalysyna, ýalňyşmasam, birinji gezek duş geldim. Bu hakda telefonda Azat Rahman bilen gürleşip, häzir özümiň aman sypandygym üçin dükandan arzan bahadan köke alyp, paýlajakdygymy aýdamda, ol güldi.
Muň ýalylardan, Hudaý, özüň aman saklawer! Bir-ä şonuň ýerliginiň Garrygaladandygyny aýdypdy. Ahmal…

R. S.: – Ýene bir zat, ol maňa edebiýatyň, döwrüň gahrymanlarynyň kim bolmalydygyny öwredişi gülkünç! Men onuň adyna metbugatda birki ýyllykda gabat gelip başladym.
16. 08. 2009 (ýekşenbe)

Düýn öýde palaw bişirip, Gurban Hallyýewiç, Moskwadan gelen Annagül (68 ýaşynda), men, üç bolup daçada agşama çenli oturdyk. Annagül Moskwada onkologiýa merkezinde gistolog bolup işleýär. Ýaş wagtlary Gurban Hallyýewiç bilen halaşan ekenler.

Indem kyrk ýyldan soň geçenleri ýatladylar.
Ol Maýa Myradowna Söýünowanyň aýal dogany. Birwagtlar Maýa saglygy aklaýyş ministriniň orunbasary bolup işläpdi. Häzir ol Aşgabatda. Ejeleri 95 ýaşynda geçen ýyl aradan çykypdyr. Annagüliň aýtmagyna görä, ýigrimi ýyl ol Moskwanyň etegindäki daçada, aprelde gelip, noýabrda Aşgabada gaýdýan eken.
Annagül Moskwada aspiranturada okapdyr. Ýolbaşçysy Ýuriý Kraýewskiý diýen akademik adam. Ol uruş döwründe Gebbelsiň, Gitleriň jesediniň şolaryňkydygyny tassyk eden adam.
Annagülüň adamsy wertolýot ugrundan baş konstruktoryň orunbasary bolup işläpdir. Özi häzir 76 ýaşynda. Ady Boris. Boris Annagülüň ejesiniň adyny Sofýa Solomonowna diýip tutýan eken. Ilk-ä “Men Sofýa Solomonowna däl” diýip garşylyk görkezýär eken. Soň öwrenişipdir. Boris degişgen adam bolmaly. “Tanşanymyzda metroda tanyşdyk diýýär.” Birinji ärim bilen aýrylyşdyk. Keýpim ýok. Aşgabada gaýdyp, şo ýerde işlemegiň küýündedim” diýýär. Telefonymy sorady. Men bir şert bilen, ýazman, ýatdan aýtdym. Ýatkeş eken. Aşgabada gaýdamdan soň kän jaň edipdir. Soň bir ýarym aý Aşgabatda bolup, Moskwa geldim. Kakasy 87 ýaşynda, “Şu gyzy sypdyrma, aýal edip al” diýdi. Birinji durmuşa çykyşym şowsuz bolansoň, äre çykasym gelmedi. Barybir göwnetdi.
Bir gezek Borýa: “Yslam aýallara içmegi gadagan edýär” diýdi, menem: “Yslam meniň ýewreýe durmuşa çykmagyma-da garşy” diýdim.

23.08.2009

18–21-nji awgust aralygynda Könekesirde boldum, Jeýhun öýlendi. Aşyr Gurban bir gürrüň berdi. Kakasy Gurban Körogly (uruş weterany) 50-nji ýyllarda oba Sowetiniň başlygy eken. Ata Meret kolhoz başlygy bolmaly. Sebäbi 57-nji ýa 58-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň Ministrler Sowetiniň başlygy Jumadurdy Garaýew oba gelip, kolhoz başlygynyň öýünde ýatypdyr. Onuň kakasy Meret molla bilen tanşyp, gürrüňdeş bolupdyr. Molla oňa ýarapdyr. Çünki ol oňa wizitniý kartoçkasyny berip, Aşgabada gelensoň, göni meniň ýanyma

goýbererler diýipdir. Şeýle wizitkany Gurban Körogla-da beripdir. Gije ýatanda ol özüni serhetçileriň goraýandygyny aňyp, “Menem türkmen-ä, şu ýerde bir özümi goragsyz arkaýyn duýaýyn” diýip, serhetçileriň golaýyndan aýrylmagyny tabşyrypdyr. Olar onuň ýatan ýerinden bildirmän 100 ädim dagy daşlykda gorapdyrlar.
Olar Hozly derede bolupdyrlar (Orehowa). Şonda Garaýew Gurbana garap: “Ýör, ikimiz daga gezelenç edeli” diýipdir. Kolhoz başlygy hem ýerinden turjak bolanda: “Sen oturyber” diýýär. Dagdan Eýran obasy görünýän eken. Şonda ol Gurbana garap: “Ol görünýän türkmen obasy. Şu ýerden gaçyp giden adamlar. Hany sen, aýt, ýöne çynyňy aýtmaly, şu giden adamlar erbet adamlarmydy?” diýip sorapdyr. Gurban aga näme diýjegini bilmän dymypdyr. Ol ýene-de sorapdyr. Gurban aga şonda: “Men gorkmalymy ýa-da gorkmaly däl” diýip sorapdyr. Garaýew: “Arkaýyn bol. Menem türkmen-ä” diýipdir.
Gurban aga şol giden adamlaryň hemmesiniňem gowy adamlar bolandygyny aýdanda, Garaýew, olar şu ýerde galyp heläk bolaýsalaram, şolaryň ýarysynyň öz topraklarynda diri galyp biljekdiklerini aýdyp, gözüne ýaş aýlapdyr.
Nurugalada korownik (sygyr ýatagy) gurulýan eken. Garaýewi şo ýere-de aýlapdyrlar. Material bolmansoň, üçegi ýapylman duran eken. Şo ýerde Garaýew “Näme göwün islegiň bolsa şumat menden dile” diýse, Gurban aga şo sygyr ýataga material diläpdir. Garaýew ondan täze mekdep, ýa çagalar bagy dilär öýden eken. “Haý, oňarmadyň. Bolýar, üstüni ýapmaga material geler” diýip, hoşlaşypdyrlar. Aşgabada gidip, köp wagt geçmänem TKP MK-nyň birinji sekretary bolupdyr. Suhan Babaýewi birinjilikden çykarýarlar. (Men Suhan Babaýewiň işden çykarylyşy hakda ozal ýazypdym. Ol oçerk “Ömür kyssalsy” atly kitabyma-da ýerleşdirilipdi. Men oglankam şo döwürde Aşgabatdan gelen şol mertebeli adamlary köçämizden geçip barýarkalar görüpdim – A.Ç.). Ýatlamalar